***Häzirki wagtda çagalar baglarynda tomus taplama döwründe körpeleriň arasynda dynç alyş we taplama çäreleri işjeň ýagdaýda geçirilýär. Ýyllyk iş meýilnamasy esasynda geçirilýän tomusky taplama çäreleri uly gyzyklanma döretdi. Bu çärenleriň dowamynda çagalaryň eşiklerini ýeňletmek, güne taplamak, arassa howada oýunlary guramak ýaly işler guralýar.***

urdumyzyň howa şertlerine görä, gyzyklanma, göwnaçma çäreleri daşarda ýörite niýetlenen meýdançada guralsa, has gyzykly, şowhunly geçýär. Çagalaryň özbaşdak gyzyklanma, göwnaçma çärelerini meýilnamalaşdyrmak işlerine ykjam taýýarlyk görülýär. Çagalaryň gyzyklanma, göwnaçma çäreleri ertekileri, hekaýalary sahnalaşdyryp, aýdym aýdyp, goşgy okap, dürli hereketli oýunlar oýnadyp şowhunly, gyzykly guralmalydyr.

Mundan başga-da, çagalary toparlara bölüp, sport ýaryşlaryny hem guramak bolar. Çagalar surat çekmekde öz döredijilik ukyplaryny, zehinlerini görkezýärler. Tomus paslynyň howa şertlerine laýyklykda çagalar bilen geçirilýän taplama çäreleriniň ruhubelent we sagaldyş häsiýetli bolmagy körpe nesilleriň irki ösüşinde hem oňyn ähmiýete eýedir.

Bagtyýar nesilleriň sagdyn ösmegi we kemala gelmegi ugrunda Garaşsyz ýurdumyzda uly mümkinçilikler döredilýär. Şeýle ajaýyp mümkinçilikler we bagtyýar durmuş üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyşlar bolsa tutuş halkymyzyň, şol sanda bagtyýar çagalaryň kalbyndan hem uly joşgun bilen zybana gelýär.

**Saýýara SABYROWA,**
**Daşoguz şäheriniň 16-njy çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026